# Ýürekde galan yzlar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýürekde galan yzlar ÝÜREKDE GALAN YZLAR

Ähli zat ýadymda, bar zat ýadymda,
Pikir etme ýatdan çykandyr öýdüp.
Sen meni terk edip gidenem bolsaň,
Men seni gözleýän bagrymy tüýdüp.

Nazarymda galdy, kalbymda galdy,
Uz basyp ýöreýşiň, elwan näzleriň.
Mekan tutan ýüregiňe barýardy,
Ýüregimde galan aýakyzlaryň.

Men ony yzarlap gözlegňe çykdym,
Haýadan haýykman täleýňi syryp.
Seň aýakyzlaryň ýolbeledimdi,
Barýaryn men ony ýüzüme sylyp.

Ine, soňky ädim, soňkuja ädim,
Meni seniň huzuryňa getirdi.
Duýdansyz garşylap doňup galdyň sen,
Okap maňlaýyma ýazlan setiri.

Birdenem hopugyp aglasym geldi,
Görsem o setirler sende-de bardy.
Ýüzdäki gasynyn gizlejek bolup,
Bar güýjüni jemläp ýylgyryp durdy.

- **Iki pursat**

Sen geleňde yşk gämisin küreкläp,
Girdim äpet deňze, serhoş dälidim.
Deňziň içinde gomlary böwsüp,
Däl-de bagt kürekläp barýan ýalydym.

Diýdim: maňa garaş söýgüli ýarym,

Ynha barýan söýgim bilen doly men.
Ýöne sen şonda-da garaşman gitdiň,
Indem daş küreklän barýan ýaly men.

- **Alyp gal**

Derdiň alyp gideýin,
Şatlygymy alyp gal.
Gitseň-ä äkideýin,
Ýolda garaşyp dur ýol.

Derdiň maňa bermeseň,
Dertli bolup galaryn.
Meni kösäp ýörme sen,
Özüň bilgin galanyn.

Şatlygymy almasaň,
Başym çykmaz gussadan.
Onsaň neneň çydaryn,
Beýle ýowuz kysmata.

Iň bolmanda bir ýylgyr,
Gözlerimde gülüp gal.
Gitjek men, söýgimi ber,
Ýa-da meni alyp gal.

- **Saňa**

Bir-birege mähir berip, gunçalap,
Durmuşyň açylan güli bolaly.
Seni söýşüm ýaly senem şonçarak,
Söý,
söýlüp hasam uly bolaly.
Men sowuk suw bolsam,
sen gaýnag bolgun,
Ikimiz goşulşyp ýyly bolaly.

Guwanç SAPAROW.

18.01. 2019. Garadaşly, Derýalyk obasy. Goşgular